# Altyndepe ösen senetçiligiň we ybadathanalaryň merkezidir

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Altyndepe ösen senetçiligiň we ybadathanalaryň merkezidir
ALTYNDEPE ÖSEN SENETÇILIGIÑ WE YBADATHANALARYŃ MERKEZIDIR

Türkmenistan sözüň doly manysynda dünýä arheologiýa ylmynyň tükeniksiz hazynasy hasaplanylýar. Bu toprakda daş asyryndan başlap, giçki orta asyrlara çenli taryhy ösüşiň tapgyrlarynya şaýatlyk edýän ýadygädyrlikleriň ençemesi saklanyp galypdyr. Biziň ýurdumyza asman astyndaky muzeý diýýärler. Welaýatlaryň ählisinde arheologik we arhitektura ýadygärlikleri bar. Käkä etrabynyň Mäne obasyndan 4 km gündogardaky Altyndepe hem eneolit we bürünç eýýamynyň (miladydan öňki V-II müňýyllyklar) şolaryň biridir. Hut şu ýerde gadymy ekarançylyk oturymly ýerleriň ençemesi, Ýylgyndepe we Altyndepe ýaly iri ilatly ýerler döräpdir, olar Namazgadepe bilen birlikde bütewi medeni umumylygy kemala getiripdir. 26 ga ýeri tutýan Altyndepe şäheri daş-töwereginden 17-22 metr ýokarda ýerleşýär. Ägirt uly meýdanda sudury ýiten gum depeleri bileleşip bütewi arhitektura ýadygärlikleri toplumyny kemala getirýär. Bu “ilki şäheriň” çig kerpiçli gala diwarlary, galyň kese burçly sütünli diňli derwezeleri bolupdyr. Alymlaryň pikirine görä, Altyndepede 11-12 müň adam ýaşapdyr. Ol ilkinji gezek 1929-njy ýylda A.A.Semýonowyň ýolbaşçylygyndaky Haweran topary gazuw-agtaryş işlerini geçirende ylmy taýdan öwrenildi. XX asyrda arheologlar B.A.Kuftin (1952 ý), A.A.Maruşşenko, A.F.Ganýalin, D.D.Durdyýew, Ýegen Atagarryýew, Ö.K.Berdiýew (1959-1962 ýý), I.N.Hlopin, W.M.Masson, W.I.Sarianidi (1965-1983 ýý), I.S.Masimow, G.Gutlyýew (1969 ý), L.B.Kirço (1977-2001 ýý), W.A.Zawýalow, G.Gurbansähedow, O.Löllekowa, B.Ödemyradow we beýlekiler Altyndepede gazuw-agtaryş işlerini alyp bardylar. Türkmenistany Ylymlar akademiýasynyň Günorta

Türkmenistan arheologiýa topary we SSSR YA-nyň Leningrad bölüminiň W.M.Massonyň ýolbaşçylygyndaky Garagum topary otuz ýyl töweregi Altyndepede hem-de ýurdumyzyň beýleki irki ekarançylyk oturymly ýerlerinde gazuw-agtaryş işlerini alyp bardylar. Günorta Türkmenistandan tapylan ummasyz arheologik maglumatlaryň esasynda alymlar Jeýtunyň we Namazgadepäniň yzysüre dörän ösen ekarançylyk medeiýetini ýüze çykardylar. Olar ýönekeý ekarançylyk eýýamyndan (Jeýtun, Änew medeniýetleri) tä çylşyrymly jemgyýete (Altyndepe we Namazgadepe medeniýetleri) ýaly göni ösüş ýolunyň geçilendigini belleýärler. Orta bürünç eýýamy döwri bu ýerde dürli ýerlerde aýry-aýry binaly, ösen aragatnaşyk (oturymly ilatly ýerlere gelýän, ulag we pyýada ýollarydyr ötükleri) ulgamy bolan, iri dini merkezli ilki şäher bolupdyr. Ol gowy berkidilipdir: onuň töweregi 6 metr galyňlykdaky çig kerpiçden gurlan galyň diwarlar bilen gurşalypdyr. Altyndepäniň demirgazyk çetinde senetçileriň öýleridir ussahanalary ýerleşipdir. Ýaşaýyş jaýlar toplumy oturymly ilatly ýeriň günbatarynda ekeni. Şäher galyndysynyň gündogar tarapyndaky iň beýik depeden arheologlar 30 metr galyňlykdaky medeni gatlagyň üstüni açdylar. Oturymly ýerleriň iň gadymy ojagynyň hut şu ýerde bolan bolmagy hem mümkindir. Üsti açylan binalaryň möçberi we gurluşy diýseň çylşyrymlydy, bu bolsa olaryň uly göwrümli bolanlygyna, berk çyzga eýerilip gurlandygyna şaýatlyk edýär. Oturymly ýeriň daşy gönibürçly diwarlar ýa-da ýarym aýlaw diňleri bolan jaýlaryň galyň diwarlary bilen berkidilipdir. Ol ýönekeý jemagat agzalarynyň darajyk köp otagly jaýlarynyň arasynda insizje ötükli (1-1,5 m) senetçiler, barjamly adamlaryň has oňaýly we ini 1,7-2,1 m, şeýle hem öz döwri üçin göni giň köçeli (2,5m) meýdany 43 inedördül metrden 180 inedördül metre çenli jaýlary takyk düzgüne laýyk gurlan begzadalaryň jaýlary bolan böleklerden ybarat bolupdyr. Arhitektura babatda Altyndepe birnäçe kömekçi jaýly we aýratyn howluly toplum bolup oturan üç-dört otagly jaýlardan ybarat eken. Ilki şäherde küýze döwükleri düşelen kiçeňräk köçeler hem kän eken. Altyndepäniň ekarançylyk toplumy durmuş üpjünçiliginiň esasy bölegi bolupdyr. Giçki

eneolit eýýamynda Günorta Türkmenistanda suwarymly ekarançylyk peýda bolýar. Giçki eneolit eýýamynyň galla ammarlarynyň we köp sanly galla arassalaýjy gurallarynyň bolmagy bu ýerde köp möçberde galla ýetişdirilendigine şaýatlyk edýär. Maldarçylyk we awçylyk azyklyk etiň we önümçilikleriň birnäçesi üçin çig malyň çeşmesidir. Giçki eneolitiň–orta bürünç eýýamynyň osteolgiýa maglumatlaryna görä, sürülerde dowarlar, esasanam goýun agdyklyk edipdir. Altyndepe senetçiler merkezi bolupdyr. Ekarançylykdyr maldarçylykdan başga-da has ösen ýörüteleşdirilen senetler (külalçylyk, metallurgiýa we demir işlemek, daş işlemek) onuň ykdysadyýetiniň esasy bolupdyr. Şol döwürde Günorta Türkmenistan, hususan-da Altyndepe çet-gyraky hukukly Gadymy Gündogar siwilizasiýasynyň düzümine giripdir. Irki bürünç eýýamynyň ortasynda Altyndepede emeli minerallaryň – bişirilen steatit we kwars-kristobalit almagyň (ol düzüminde kremniý bolan çökündi magdanlaryň ýokary gyzgynlykda ýakylmagyndan döreýär) tehnologiýasy peýda bolýar. Altyndepede ýaşan pederlerimiz birnäçe açyşlar edipdirler. Onuň ilaty eýýäm şol döwürde tigirli ulaglary ulanypdyrlar. Bu ýerden tigirleriň we arabalaryň toýun we bişirilen toýun nusgalary tapyldy. Aglabasy dört tigirli toýun arabalaryň köpsanly nusgalaryndan çen tutsaň, olar düýelere tirkelipdir. Bu ýadygärlikde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde düýe kellesiniň heýkelleri birnäçe gezek gabat geldi. Itleriň toýun şekilleri, atyň bişirilen toýun şekili türkmen alabaýynyň we bedewiniň kökleriniň gadymylygyna şaýatlyk edýär. Itler dykyz göwreli, tumşugy gysga, gulaklary çala bildirip duran we kelte guýrukly edilip şekilendirilipdir. Olaryň bu ýerden tapylan süňklerinden çen tutsaň, itler uly we orta boýly äňi güýçli we tumşugy gysga jandarlar bolmaly. Alymlaryň bürünç eýýamy döwrüne degişli hasaplan itleriniň görnüşi olaryň heýkeldäki şekiline gabat gelýär. Şeýlelikde, Altyndepeden tapylan itleriň toýun şekiljikleri bürünç eýýamynda göwresi dykyz daýaw irtleriň bolandygy baradaky osteologiýa maglumatlaryny tassyklaýar. Bular hem olaryň, belki sürüni ýyrtyjylardan goran çopan itleri, türkmen alabaýlary bolandygyny çak etmäge mümkinçilik berýär. Altyndepede ybadathanalar köp bolupdyr.

Dört basgançakly diňli (12 m) monumental ybadathanalar toplumy, saganalar we altar Altyndepäniň merkezi bolup hyzmat edipdir. Arheologik gazuw-agtaryş işlerinde bu ýerden bezegli keramika, ownuk bişirilen toýun heýkelleri, daş, bürünç we kümüş möhür-tumarlar, monjuklar we beýleki sungat eserleriniň ençemesi tapyldy. Kiliseden jemi 864 sany monjuk, şol sanda altyn monjuklaryň 9-sy, lazuritiň 101-si, firýuzalaryň 639-sy we beýlekiler tapyldy. Mesopotamiýanyň beýleki ybadathanalarynyň ençemesi ýaly Altyndepedäki ybadathana hem Aý taňrysyna bagyşlanypdyr. Din hyzmatçysynyň guburyndan boýy 7,5 sm bolan firýuzadan ýasalan maňlaýy aý şekilli öküz kellesiniň, şeýle hem boýy 1,5 sm möjek kellesiniň şekiliniň tapylmagy hem muňa şaýatlyk edýär. Mälim bolşy ýaly, öküz azaby bilen ýeri bolçulyk çeşmesine öwürýän türkmenleriň asly Oguzhanyň tagmasy bolupdyr. Bu ýeriniň ybadathanasynyň arhitekturasy Wawilonyň we Şumeriň şu kysmy binalaryna meňzeýär. Bu, ozaly bilen, diwarlaryň dik söýegler bilen sazlaşykly berkidiliş usulynda ýüze çykýar. Diňiň 27x10 metr uly möçberli binýady bolupdyr. Onuň depesinde sadaka ýeri bar eken. Alymlar bu ýerde kilise we ybadathana bolandyr diýip çaklaýarlar. Ybadathana hyzmatçylary şu ýerde asman şamçyraglarynyň hereketine syn edip, suwaryşyň möhletini kegsitläpdirler, ekarançylyk işlerine ýolbaşçylyk edipdirler. Altyndepe aýrybaşga siwilizasiýa bolmandyr. Ol öz döwrüniň ösen siwilizasiýalry bilen ýakyn etnomedeni we söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyr. Medeni gatnaşyklaryň bir ugry Mesopotamiýa eltse, ikinjisi Ind jülgesine, Harapp siwilizasiýasynyň oba-şäherlerine tarap bolupdyr. Altyndepedäki baýlaryň guburlaryna goýlan, diwarlaryň arasyna goýlan gymmatly zatlaryň arasyndan pil süňkünden ýasalan harapp önümleri tapyldy. Şol ýerden harapp kysmy möhürlerem tapyldy. Bularyň ählisi Altyndepe siwilizasiýasynyň Gadymy Gündogaryň esasy medeni merkezleri bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, Mesopotamiýa we Ind jülgesiniň şäherleriniň arasynda özboluşly köpri bolandygyna şaýatlyk edýär. Söwda kerwenleri Altyndepeden günorta, Elamyň we Wawilonyň abadan şäherlerine, demirgazyga, gündogara-göçegçi taýpalryň ýaşan ýerlerine

gidipdirler. Arheologlar Altyndepe ussalarynyň ýasan önümlerine öndürilen ýerinde has alyslarda – Fergana jülgesinde gabat gelýärler. Şeýle gatnaşyklar senetleriň we medeniýetleriň hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam edipdir. Ösen bürünç eýýamynyň ahyrynda (miladydan öňki II müňýyllyk) Altyndepäniň tutuş gündogar bölegi terk edilipdir, durmuş onuň diňe günbatar böleginde dowam edipdir. Altynepede durmuşyň ýitip gitmegine näme sebäp bolduka? Belki, adamlaryň özi bu ýeri terk edendirler, çünki gadymy ekarançylaryň 2500 ýyllap ýere zor salyp işlemegi netijesinde öňüni alyp bolmaýan ýagdaýlaryň ýüze çykyp, olaryň şäher merkeziniň pese gaçmagyna itergi beren bolmagy hem mümkin. Onuň ilaty Köpetdag eteginiň beýleki taýpalary bilen bilelikde Kelleli jülgesini özleşdiren, beýleki böleginiň bolsa, Amyderýanyň orta akymynda mekan tutan bolmagy mümkindir.

● Alynan çeşme:
https://china.tmembassy.gov.tm/tk/news/9275 Taryhy makalalar